# Eger kasam etsem…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eger kasam etsem… EGER KASAM ETSEM…




Kasam etsem biri dogan boljakmyş!
Ine, saña gerek bolsa täzelik!
– Eger häzir kasam etseñ, ant içseñ,
Syr açaýyn – diýdi, bir gyz näz edip.
Biri diýdi: – Bar oñatja wezipe,
Kasam etseñ, maña ýaran bolmagy, –
Ýene biri hödürledi täze jaý,
Özem neneñsi jaý! Dört-bäş otagly.

Garaz, kasam etsem, ömrüm bezejek
Elimde bir ujy şöhrat kelebiñ.
Ýöne kasam diýlen paýlabir ýaly,
Tükeniksiz posasy däl jelebiñ.

Bir gara güýç gelip äkitjek ýaly,
Olar seni goýberenok ýanyndan.
Seni dost-duşmandan gabanýar olar.
Gabanýar çygjymak güýz şemalyndan.

Ýene dost-ýar gelse, näkesem gelýär,
Suwjarýar, sürünýär ol seni synap.

Sen bolsa sypaýy dymyp otyrsyň,
Çagalaň buýsançly başyny sypap.

Hapa düýrlän geldi-geçer tüweleý,
Yrap bilmez başy belent daglary.
…Näkesler käte bir ýeňiş gazanýar,
Olam – goç ýigitleň dyman çaglary.

Muhammetmyrat KÖMEKOW. Goşgular